# Pyşyrdy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Pyşyrdy PYŞYRDY



Bir pyşyrdy geldi, ýerdenmi, gökden:
"Besdir indi, çeniñ, çakyñ bil!"– diýdi,
Güwwüldisi parran geçdi ýürekden:
"Täleýiñe berlen hakyñ bil!" diýdi.
"Besdir, – diýdi – her ýylpylda ýanaşma,
Söz manysyn bilmez bilen sanaşma!"
Hemem: "Indi düşünjege garaşma –
Wagty däldir seniñ hatyñ, bil!"– diýdi.

Pyşyrdy söz açdy ÿene kän zatdan
(Olañ köpüsini çykardym ýatdan),
Söz açanda Kur'an, Injil, Töwratdan:
"Sözlejek sözleriñ wagtyn bil!" diýdi.

Sesem ýuwaş-ýuwaş goýaldy, güýjäp,
Käte gazaplanyp, kem-kemden möwjäp:
"Indi şu señ ýoluñ bor tä ölinçäñ,
Ýokdur saña başga akym, bil!" diýdi.

Diýdi, goýdy,
Soramadam pikirmi,
Özi gazdy, özem gömdi çukurmy;
Günäme – tobamy,
Derde – şükürmi
Diñlemedem,
"Ol señ bagtyñ, bil!" diÿdi.

Öwüt berilende meni duýsalar,
Men diñleÿän,
Janym ýanýar, buýrsalar!
"Şeyle şerti öz öñüñde goýsalar,
Nätjek?– diÿsem,
"Asla mümkin däl!" diýdi.

Her taglymat geler başda pyşyrdap,
Erkiñ berseñ, haýbat atar, paşyrdap!
Adam kimmiş, pikir bolmasa azat?!
Pikir: "Gerek ýene tämiz päl" diýdi.

Çary ATAÝEW. Goşgular